# Kutub-i sitte.

Ähli hamdlar Allaha mahsusdyr. Pygamberimize ähli beýtine, sahabalaryna we kyýamada çenli onuñ ýoluna boýun boljaklara salawat we salam bolsun. Kutub-i sitte diýip, hadys ylymyndaky asyl bolan alty sany kitaba aýdylýar. Olar:

**1-Sahyh Buhari**

**2-Sahyh Muslim**

**3-Nesainyñ Suneni**

**4-Ebu Dawudyñ Suneni**

**5-Tirmiziniñ Suneni**

**6-Ibn Mäjäniñ Suneni**

**1-Sahyh Buhari:** Bu kitaba kitabyñ ýazyjysy **"el-Jamius-Sahih"** adyny berendir. Imam Buhari Sahyh Buharidäk hadyslary alty ýüzmüñ hadysyñ içinden saýlap alýar. Kitaby gözelleşdirmek we tertiplemek üçin uly zähmet sarp edenligi rowaýat edilýär. Hatda bir hadysy kitabyna ýazmazdan öñ iki rekat namaz kylyp, istihara etmezden hadysy kitabyna ýazmandygy aýdylýar. Kitapda hadyslaryñ senedine (hadysy rowaýat eden kişileriñ zyñjyry) çenli ýazylandyr we Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) rowaýat senedi sahyh (dogry) bolmaýan hadysy kitabyna ýazmandyr. Imam Buhari kitabyna ýazan hadyslarynyñ rowaýatçylarynyñ dogruçyl, ýatkeşligi berk, senediniñ muttasyl bolmagyna gaty üns beripdir. Bu eserini on alty ýylda ýazyp gutarypdyr, soñra kitaby Imam Ahmede, Ýahýa bin Maine, Ali Ibni Medini we başgada käbir alymlara görkezip, kitabyñ sahyhlygy barada olardanam şaýatlyk alýar. Musulman ymmatynyñ alymlary her döwürlerde-de Sahyh Buharini ygtybarly, sahyh kitap hökmünde kabul edendirler. Hafyz Zehebi Sahyh Buhari barada: **"Buhari Allah tagalanyñ Kuranyndan soñra Yslam kitaplarynyñ iñ beýigi we gymmatlysydyr"** diýendir. Ähli-sünnet Kuran-Kerimden soñra iñ dogry kitap kökmünde Sahyh Buharini kabul edýär. Jemi Sahyh Buharid 7397 hadys bardyr. Gaýtalanýan hadyslaryñ sany bolsa 2602 dir. Hafyz Ibn Hajer (Allah oña rahmer etsin) muny belläp geçendir.

**Ymam Buhari**

Doly ady Ebu Abdullah Muhammed bin Ismail bin Ibrahim bin el-Mugire bin Berdizbedir. Asly parsdyr we Jufelileri azat eden gullaryndandyr. Ymam Buhari Buharada hijri 194-nji ýylyñ, şewwal aýynda dünýä gelýär. Kakasy ýaş wagty dünýäden gaýdanlygy üçin ýetim galýar we ejesi tarpyndan ulaldylýar. Ilkinji gezek 210-njy ýylda 16 ýaşynda hadys öwrenmek üçin sapara çykýar we ençeme ýurtlary gezýär. Hijazda alty ýyl ýaşaýar, Şama (Surýa), Müsür, Jezire, Basra, Küfe we Bagdada ylym öwrenmäge gidýär. Yslam dininiñ iñ uly muhaddisidir (hadys alymy). Ýatkeşliginiñ gaty güýçl bolanlygy aýdylýar, hatda kitaba bir gezek göz gezdirende ýat tutar eken. Zahit, takwa, soltanlardan, emirlerden uzak, gahryman, jomartdygy rowaýat edilýär. Täze we köne ähli alymlar ony öwgi bilen ýatlandyrlar. Ymam Ahmet Ymam Buhari barada: **"Horasandan onuñ ýaly alym çykan däldir"** diýýär. Ibn Huzeýme: **"Resulullahyñ (sallallahu aleýhi we sellem) hadysyny asmanyñ aşagynda Muhammed bin Ismail el-Buhariden has gowy bilýän başga biri ýokdur"** diýýär. Samarkanda ýakyn Hartenk diýilýän ýerde 12 güni kem 62 ýaşynda, hijri 256-njy ýylyñ ramazan baýramy gijesi wepat edýär. Ýazan eserlerinde ummasyz uly ylym goýup gidendir. Allah tagala oña rahmet etsin.

**2-Sahyh Muslim:** Muslim bin el-Hajjajyñ ýazan meşhur kitabydyr. Ol bu kitabynda Resulullahdan (sallallahu aleýhi we sellem) rowaýat edilen sahyh hadyslary ýygnandyr. Ymam Newewi ol barada: **"Ol bu kitaby ýazanda gaty seresaply çemeleşip, gaty berk ylyma daýanan ýol (usul) bilen taýynlandyr".** Biri-biri bilen baglanşykly hadyslary aýry jemläp, hadyslaryñ rowaýat ýollaryny we lafyzlaryny (sözlerini) bölümlere görä tertipländir. Emma kitabyñ göwrüminiñ ulalmasyndan çekinip ýada başga sebäpden bölümlere at goýmandyr. Soñradan Sahyh Muslimi şerh eden alymla tarapyndan bölümlere at goýulýar. Bölümleri iñ gowy atlandyranlaryñ biri hem Ymam Newewidir. Sahyh Muslimde gaýtalanýan hadyslar bilen birlikte jemi 7275 hadys bardyr. Gaýtalanýan hadyslary aýyrsañ 4000 töweregi hadysy içine alýar. Alymlaryñ köp böleginiñ kabul edişi ýaly Sahyh Buhariden soñra iñ sahyh kitap Sahyh Muslimdir. Ymam Buhariniñ Sahyhyna we Ymam Muslimiñ Sahyhyna bilelikde Sahyhaýn diýip atlandyrylýar.

**Ymam Muslim**

Doly ady Ebul-Huseýn Muslim bin Hajjaj bin Muslim el-Kuşeýri en-Nisapuridir. Nisapurda hijri 204-nji ýylda düný gelýär. Hadys öwrenmek üçin ençeme diýarlary gezýär. Döwrüniñ uly alymlaryndan hadys öwrenmek üçin Hijaza, Şama, Yraga, Müsüre gidýär. Ymam Buharynyñ ylym mejlislerine gatnaşyp ylym alýar. Nisapurda hijri 261-nji ýylda 57 ýaşynda wepat edýär. Allah tagala oña rahmet etsin. Ýazan kitaplarynda örän uly ylym goýup gidendir.

**3-Nesainyñ Suneni:** Başda Ymam Nesai **“es-Sunenul-Kubra”** atly uly hadys kitaby ýazýar. Bu kitapda sahyh we zaýyf (gowşak) hadyslary jemleýär. Soñra bu kitaby gysgaldyp, diñe sahyh hadyslardan ybarat bolan kitaby ýazýar, ony **“el-Mujteba”** diýip atlandyrýar. Bu kitap **“Suneni Nesai”** diýip meşhurlyk gazanýar. Kitapda 53 bölümde, jemi 5724 hadys bardyr. Mertebe boýunça Buhari we Muslimden soñra üçünji orunda durýar. Sunenleriñ içinde Nesainyñ kitaby iñ az zaýyf hadys bar bolan kitapdyr. Hafyz Ibn Hajer şeýle diýýär: “**Ebu Dawudyñ we Tirmizniñ kabul eden ençeme hadys rowaýatçylaryny, Nesai (**gowşak görenligi üçin) **olaryñ rowaýatlaryny alan däldir”.** Ymam Nesäinyñ **“el-Mujteba”** atly eserine ýazmak üçin, hadyslary barlamakda ullanan şertleri (metady), Buhari we Muslimden soñra iñ agyr şertlerdir.

**Ymam Nesai**

Doly ady Ebu Abdurahman Ahmed bin Şuaýb bin Ali en-Nesaidyr. Horasanda meşhur şäher bolan Nusaýdandyr (Türkmenistan). Şonuñ üçin adyna Nesai diýilendir. Hijri 215-nji ýylda Nusaýda dünýä gelýär. Kiçi ýaşlarynda ylym almaga başlap, 15 ýaşlarynda hadys ylmy bilen ýakyndan gyzyklanýar. Uly hadys alymlaryndan hadys öwrenmek üçin Hijaza, Horasana, Şama, Jezire we başgada diýarlara gidýär. Müsürde ýaşaýar. Eserleri ol ýerde ýaýraýar. Soñra Dymşaga (Surýa) göçýär. Hijri 303-nji ýylda Filistiniñ Remle şäherinde, käbir rowaýatlara göräde Mekkede 88 ýaşynda wepat edýär. Allah tagala oña rahmet etsin.

**4-Ebu Dawudyñ Suneni:** Bu kitapda 4800 hadys bardyr. Ebu Dawud bu hadyslary 500.000 hadysyñ içinden saýlap, eserine diñe ahkama (hökümlere) degişli hadyslary ýazýar. Ebu Dawudyñ Suneninde sahyh, hasen , zaýýyf hadyslar bardyr. Ebu Dawudyñ Suneni fakyhlaryñ arasynda meşhurdyr. Çünki Sunende ahkam hadyslar toplanandyr.

**Ymam Ebu Dawud**

Doly ady Süleýman bin el-Eşas bin Ishak el-Ezdi es-Sijistanydyr. Basra degişli bolan Sijistanda hijri 202-nji ýylda dünýä gelýär. Hadys öwrenmek üçin dürli ýurtlara gidýär. Yraklylardan, Şamlylardan, Müsür we Horasanyñ halkalaryndan hadys rowaýat edýär. Alymlar Ebu Dawudy magtandyrlar, onuñ ýatkeşligi we fykhynyñ ( düşünjesiniñ) güýçli bolanlygy, takwa kişidigi belläp geçilýär. Basrada hijri 285-nji ýylda 73 ýaşynda wepat edýär. Allah tagala oña rahmet etsin.

**5-Tirmiziniñ Suneni:** Bu kitap **“Jamiut-Tirmizi”** ady bilen meşhur bolandyr. Ymam Tirmizi bu kitabynada sahyh, hasan, we zaýyf hadyslary jemländir. Her hadysyñ ýanynda hadysyñ derejesini açyklap geçendir. Rowaýat eden zaýyf hadyslarynyñ näme sebäpli zaýyfdygyny we ol hadysy sahabalardan ýada ylym adamlaryndan kimleriñ delil hökmünde ulanandygyny belläp geçendir. Kitabyñ soñunda bolsa **“el-Ilel”** atly peýdaly maglumatlardan ybarat bolan eseri goşandyr. Ymam Tirmizi kitap barada: **“Bu kitapdaky hadyslaryñ hemmesi bilen amal edilendir. Ylym adamlary bu hadyslary alyp kabul edendirler”** diýendir. Bu kiatpda bar bolan fykha we hadysa degişli peýdaly maglumatlar başga hiç bir kitapda ýokdur. Ymam Tirmiz bu kitaby Hijazyñ, Yragyñ we Horasanyñ alymlaryna görkezende, olar kitabyñ gowy bolandygyny aýdýarlar.

**Ymam Tirmizi**

Doly ady Ebu Isa Muhammed bin Isa bin Sewre es-Sülemi et-Tirmizidir. Amyderýañ ýakynynda ýerleşýän Tirmiz (Özbegistan) şäherinde hijri 209-nji ýylynda dünýä gelýär. Dürli ýurtlara sapar edip hadys ýygnaýar. Döwrüniñ uly alymlaryndan ylym alýar. Ustadlarynyñ arasynda Ahmed bin Hanbel, Buhari, Ebu Dawud we Muslim hem bardyr. Alymlar tarapynda Ymamlygy we degerli alymdygy bir agyzdan kabul edilýär. Hatda Ymam Buhari onuñ ustady bolmagyna garamazdan käwagt ondan hadys rowaýat eder eken. Ymam Tirmizi hijri 279-nji ýylda 70 ýaşynda wepat edýär. Allah tagala oña rahmet etsin.

**6-Ibn Mäjäniñ Suneni:** Ibni Mäje bu eseri bölümlere görä tertipläp ýazandyr. Kitapda 4341 ýakyna hadys bardyr. Alymlar bu kitaby alty sany hadys ylmyndaky ene kitaplaryñ altynjysy hökmünde kabul edendirler. Emma mertebe boýunça bu kitap Nesai, Ebu Dawud we Tirmiziden soñra geler. Kitapda zaýyf käbir alymlaryñ aýtmagyna göräde bir näçe sany toslama hadyslar bardyr. Kitapda rowaýat edilen hadyslaryñ bir bölegi öñde adyny agzan kitaplarymyzda-da rowaýat edilendir.

**Ymam Ibn Mäje**

Doly ady Ebu Abdullah Muhammed bin Ýezid bin Abdullah bin Mäjedir. Kazwan diýilýän ýerde, hijri 209-njy ýylda dünýä gelýär. Yrak, Basra, Kufa, Bagdad, Mekke, Şam, Müsür we Reý şäherlerine ylym almaga sapar edýär. Döwrünüñ uly alymlaryndan sapak alýar. Hijri 273-nji ýylda 64 ýaşynda wepat edýär. Allah tagala oña rahmet etsin.